Billy Smunts

Suw Melikesi we Ekomen

(hekaýa)

© ýyldyrym elektron neşirýaty

2020ý

Suw melikesi ilkinji duşmanyny ýeňenden soň Ekomeniň, ýagny Pedronyň gözlegine çykdy. Ol Ekomen barada maglumatlary internet we teleýaýlymlar arkaly görüpdi. Suw melikesi eger-de Ekomen bilen dostlaşsa, onuň bilen dürli howplara garşy göreşip biljekdigini aňýardy. Ekomeniň örän täsin super ukyplary bardy we ol Suw melikesi bilen dostlaşsa elbetde gowy bolardy. Emma Ekomen Suw Melikesini tananokdy.

Suw Melikesi Braziliýa geldi. Ekomen Amazoniýa jeňňelerinde Mr CO^2-ä garşy söweşýärdi. Mr CO^2-ni ýeňmek kyndy, ony ýeňmek üçin Jeren Nuryýewanyň alt-egosy Suw Melikesiniň ukyby zerurdy. Ekomen onuň bilen bilelikde tebigat hapalaýjysyny ýeňmeli.

Suw Melikesi söweş meýdanyna ýetip geldi. Ol Mr CO^2-ni suwdan gandyrdy. Ekomen sorady:

— Sen kim?

— Men Suw Melikesi, saňa kömege geldim.

— Sag bol Suw Melikesi.

Ekomen bolsa çaltlyk bilen, Mr CO^2-ni „ösümlik-ýylan” ukyby bilen bogdy. Ekomen we Suw Melikesi ony daňyp, Ekomeniň labaratoriýasyna getirdiler.

— Jenap CO^2 siz meniň ösümliklerim üçin ummasyz energiýa. Meniň ösümliklerim senden çykýan kömürturşy gazyny sorup, kislorod bölüp çykarar. Şeýlelikde seniňem tebigata kömegiň deger.

— Ýok, men tebigata peýda getirmek islämok, men tebigat hapalaýjysy.

— Gynansakda indi beýle bolmaz, ösümliklerim fotosinteze taýýar dur, Suw Melikesi ýagtylyk ber, fotosinteze start bereli.

Suw Melikesi günden gelýän ýagtylygy köpeltdi. Ekomeniň ösümlikleri bolsa Mr CO^2-niň çykarýan kömürturşy gazyny sorup, arassa kislorod çykarmaga başladylar. Şeýlelikde bu söweş Tebigat goragçylarynyň ýeňşi bilen tamamlandy.

— Indi näme ederis Suw Melikesi?

— Tebigata zyýan berijileri tapyp, olaryň temmisini bereli.
— Taýynmy onda?
— Taýyn?

SOŇY ✔

Billy Smunts